Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň şu günki ösüşi hem-de ertirki röwşen geljegi ýaş nesliň bilim-terbiýesine, döwrebap dünýägaraýşyna berk baglydyr. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýaşlarymyz döwletiň üns merkezinde saklanyp, milli ýörelgelerimiz bilen dünýä tejribesini utgaşdyryp öwrenmäge giň mümkinçiliklere eýe bolýarlar.

Ýaşlar diňe bir geljegiň eýeleri däl, eýsem şu günki ösüşleriň hem hereketlendiriji güýjüdür. Olar öz zehinlerini, täzeçillik pikirlerini we yhlaslaryny Watanymyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmaga, medeni gymmatlyklarymyzy baýlaşdyrmaga gönükdirýärler. Her bir ylmy açyş, sport ýeňşi ýa-da sungat eseri Berkarar döwletiň täze eýýamynyň şöhratyny dünýä ýaýýar.

Watana söýgi we jogapkärçilik duýgusy bilen kemala gelen ýaşlar parahatçylyk ýörelgelerini baş maksat edinýärler. Halkara hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda, dostluk köprülerini gurmakda gujur-gaýratlaryny gaýgyrmaýarlar. Ýaşlaryň ynamly sesi dünýä giňişliginde ýaňlanyp, ýurdumyzyň bitaraplyk we ynsanperwerlik syýasatyny dabaralandyrýar.

Parahatçylyk döwründe ýaşlaryň kalbyndaky ylham, gujur-gaýrat we döredijilikli pikirler biziň ählimiziň bagtyýar hem-de abadan durmuşymyzyň berk binýadydyr. Döwrüň ösüşlerine utgaşyp kemala gelýän ýaş nesil ýurdumyzyň ertirki röwşen geljeginiň kepili bolup çykyş edýär.

**Aly ALYÝEW**
**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby**

Все права защищены

save pdf date >>> 09.01.2026